# Çagalary mekdebe taýýarlamakda hünärmenleriň iş usullary ýokarlandyrylýar

***Ýakynda Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň 12-nji çagalar bakja-bagynda «Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň mekdebe taýýarlaýyş toparlarynda okuw-terbiýeçilik işlerini netijeli guramak we bu ugurda hünärmenleriň iş usullaryny kämilleşdirmek» atly welaýat derejesinde usuly-amaly maslahat geçirildi. Mary welaýat Baş bilim müdirliginiň guramagynda geçirilen bu çärä welaýatyň mekdebe çenli çagalar edaralarynyň bilim işgärleri, hünärmenler, ýaş terbiýeçiler gatnaşdylar.***

Usuly-amaly maslahat Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmek, halypa-şägirtlik gatnaşyklaryny ösdürmek, öňdebaryjy iş tejribeleri öwrenmek, täze üstünlikleri wagyz etmek, öňde duran çäreleri ara alyp maslahatlaşmak, çagalaryň irki ösüşini we mekdebe taýýarlygyny gazanmakda halkara tejribeleri özleşdirmek, döredijilik taslamalaryny, okuw-görkezme esbaplaryny işläp düzmek we peýdalanmak boýunça başarnyklary baýlaşdyrmak maksady bilen hem-de Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli guraldy.

Pedagogik ähmiýetli we usuly mazmunly çäräniň dowamynda ussat hünärmenleriň çykyşlaryna orun berildi. Olar degişli tema boýunça 5-6 ýaşly çagalary mekdebe taýýarlamagyň täze tejribeleri barada maglumatlary, maslahatlary berdiler. Çykyşlarda elektron görkezme serişdeleri, anyk maglumatlar, takyk çeşmeler, subutnamalar we deliller peýdalanyldy. Munuň özi ýaş hünärmenler üçin örän ähmiýetli we bilimleri kämilleşdirmek babatda netijeli boldy.

Çäräniň baýramçylyk ruhubelentligine beslenendigini hem bellemek gerek. Çagalar döredijilik toparynyň aýdym-sazly çykyşlary, topar otaglarynda terbiýeçilerimiz tarapyndan uly (mekdebe taýýarlaýyş) toparlarda görkezilen göreldeli sapaklar has-da täsirli boldy. Usuly-amaly maslahatyň birinji tapgyrynda edilen teoretiki çykyşlary, amaly taýdan özleşdirmekde syn etmek pursatlary öz ähmiýeti bilen tapawutlandy. Çäräniň geçirilýän ýerinde welaýatyň  iş tejribesinden taýýarlanylan sergi hem dürli esbaplary, köpugurly serişdeleri giňişleýin synlamaga mümkinçilik berdi. Onlarça görnüşli täze mazmunly, ekologiýa taýdan arassa önümlerden taýýarlanylan görkezme serişdelerinde häzirkizaman usulyýetiň gazananlary peýdalanylypdyr.

Şeýle ähmiýetli, baý mazmunly we guramaçylykly geçirilen usuly-amaly maslahatyň dowamynda öwrenilenler geljekde welaýatyň ähli künjeklerinde ýaýradylyp, okuw-terbiýeçilik işlerine işjeň ornaşdyrylar we çagalaryň ýokary derejede mekdebe taýýarlanylmagyna itergi berer.

Все права защищены

**Ýazjemal GANDYMOWA,**
**Wekilbazar ertabynyň 12-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.**

Все права защищены
save pdf date >>> 05.02.2026